# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com

ATAVATAN TÜRKMENISTAN

NOÝABR AÝYNYŇ 15-i, 2025. №42


# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI ÖZBEGISTANDA DÖWLET SAPARYNDA BOLAR



Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, Mejlisde "Ýlmy intellektual eýeçilik hakynda", "Wirtual aktiwler hakynda", şeýle hem hereket edýän kanunçylyk namalaryna döwrebap üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek bilen bagly Türkmenistanyň Kanunlarynyň taslamalaryny taýýarlamak boýunça işler dowam edýär.

### TÜRKMEN-TATAR IŞ TOPARYNYŇ MEJLISI GEÇIRILER

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-tatar iş toparynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, toparyň nobatdaky mejlisini noýabr aýynda Aşgabat şäherinde geçirmek göz öňünde tutulýar. Onuň gün tertibine söwda-ykdysady, nebitgaz, energetika, senagat pudaklarynda, ulag-aragatnaşyk, maglumat tehnologiýalary, dokma senagaty, oba hojalyk, daşky gurşawy goramak, ylym-bilim, saglygy goraýyş we derman senagaty, medeniýet, sport, ýaşlar syýasaty ulgamlarynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek meseleleri giriziler. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasy bilen netijeli gatnaşyklary alyp barýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmek maksady bilen, bu ugurda taýýarlanylan degişli Karara gol çekdi we wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

### DOHADA TÜRKMEN-KATAR HÖKÜMETARA TOPARYNYŇ MEJLISI GEÇIRILER

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew şu ýylyň noýabr aýynda Katar Döwletiniň Doha şäherinde Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-katar toparynyň mejlisini geçirmek boýunça alnyp barylýan taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, hökümetara toparyň nobatdaky mejlisinde iki ýurduň arasynda söwda-ykdysady, maýa goýum, maliýe we bank ulgamlarynda, energetika, ulag-aragatnaşyk, maglumat tehnologiýalary, oba hojalyk, daşky gurşawy goramak pudaklarynda, bilim, medeniýet, ýaşlar, sport, syýahatçylyk ulgamlarynda gatnaşyklary ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşylar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

*Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.*

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda Katar Döwleti bilen özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklary berkitmek boýunça uly işleriň amala aşyrylýandygyny belledi hem-de Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-katar toparynyň türkmen böleginiň düzümi baradaky beýan edilen teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

### "TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY" ATLY BÄSLEŞIGIŇ NOBATDAKY TAPGYRY YGLAN EDILDI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmeniň Altyn asyry" atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigi yglan etmek hakynda Kararyň taslamasy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, her ýylda geçirilmegi asylly däbe öwrülen bu bäsleşigiň çäklerinde höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň arasynda "Ýaňlan, Diýarym!" telebäsleşigini, dutarçy bagşy-sazandalaryň arasynda "Çalsana, bagşy!" bäsleşigini, zehinli çagalaryň arasynda "Garaşsyzlygyň merjen däneleri" bäsleşigini yglan etmek meýilleşdirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigi ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy mynasybetli, 2026-njy ýylyň sentýabrynda jemlemek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda milli medeniýetimizi ösdürmäge, medeni mirasymyzy öwrenmäge, ýaş zehinleri ýüze çykarmaga uly üns berilýändigini aýtdy hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigi yglan etmek hakynda Karara gol çekip, ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberdi hem-de degişli tabşyryklary berdi.

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ ÖZBEGISTANA DÖWLET SAPARY

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygyna gatnaşmagyna hem-de Özbegistan Respublikasyna döwlet saparyna görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, degişli toplumlaýyn işleriň geçirilýändigi aýdyldy.

Ýakyn goňşy we sebit döwletleri bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu babatda Merkezi Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy uzak möhletleýin, durnukly esasda ilerletmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Nygtalyşy ýaly, Daşkent şäherinde geçiriljek Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygynyň gün tertibi döwletara hyzmatdaşlygyň giň ugurlaryny, şol sanda sebitde netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak, möhüm halkara we sebit meseleleri boýunça pikir alyşmalary öz içine alar. Mundan başga-da, sammitiň çäklerinde sebit hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmäge gönükdirilen ugurdaş çäreleriň birnäçesi guralar.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyz bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1993-nji ýylyň fewralynda ýola goýuldy. Türkmenistan hem-de Özbegistan hoşniýetli goňşuçylygy, dostlukly dialogy ösdürmek bilen, syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ygtybarly şertnama-hukuk binýady döredildi. Saparyň maksatnamasynyň çäklerinde ýokary derejedäki gepleşiklerden we beýleki degişli çärelerden başga-da, Türkmen-özbek serhetýaka söwda merkeziniň işe girizmek dabarasyny geçirmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygynyň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy berkitmekde, dost-doganlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe boljakdygyny belledi. "Özbegistan Respublikasy biziň ýakyn goňşy döwletlerimiziň biri bolup durýar. Ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlyk yzygiderli ösdürilýär" diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýer, daşary işler ministrine konsultatiw duşuşyga hem-de Özbegistan Respublikasyna boljak döwlet saparyna gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.




## Türkmenistanyň we Türkiýanyň daşary işler ministrleriniň telefon söhbetdeşligi

**Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Türkiýe Respublikasynyň daşary işler ministri Hakan Fidan arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.**

**Söhbetdeşligiň dowamynda taraplar türkmen-türk gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýyny we ösüşiniň geljegini ara alyp maslahatlaşdylar, syýasy dialogyň ýokary derejesini we iki doganlyk döwletiň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga bolan çemeleşmäni belläp geçdiler.**

**Türkmenistanyň we Türkiýäniň halkara hem-de sebit guramalarynyň, ilkinji nobatda BMG-niň we Türki Döwletleriniň Guramasynyň (TDG) çäklerindäki hyzmatdaşlygynyň oňyn tejribesi nygtaldy.**

**Söhbetdeşler şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabat şäherinde geçiriljek Halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumyna taýýarlyk meseleleri boýunça hem pikir alyşdylar.**



## Türkmenistan we Saud Arabystany haj möwsümini gurnamaklygy ylalaşdylar

**Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýeti bilen Saud Arabystanynyň haj we umra ministrligi 2026-njy ýylda türkmen raýatlarynyň haj zyýaratyna iberilişini guramak tertibini kesgitleýän ylalaşyk baglaşdylar. Bu barada Saud Arabystanyndaky Türkmenistanyň Ilçihanasy habar berýär.**

**Resminama gol çekmek dabarasy Türkmenistanyň müftisi Ýalkap Hojagulyýew bilen Saud Arabystanynyň Haj we Umra işleri ministriniň orunbasary Abdulfatta Al-Maşadyň arasynda geçirilen duşuşykda amala aşyryldy.**

**2025-nji ýylyň 9 – 12-nji noýabr aralygynda Jidda şäherinde Haj we umra hyzmatlaryna bagyşlanan bäşinji maslahat we sergi geçirilýär. Çärä 85-den gowrak döwletiň wekilýeti bilen bir hatarda Türkmenistandan müftisi Ýalkap Hojagulyýewiň ýolbaşçylygyndaky wekilýet hem gatnaşýar.**

## Çagalar we ulular üçin "Makul Sözlük" IOS ulgamynda hem elýeterli boldy

**Makul sözlük platformasy diňe bir sözlük bolman, eýsem ol dil öwrenmek isleýänler üçin uly gollanma!** 5




## Türkiýäniň syýahatçylyk pudagy 2025-nji ýylyň üçünji çärýegini iň ýokary girdeji bilen jemleýär

**BMG-niň Bütindünýä Syýahatçylyk guramasynyň 2024-nji ýyl boýunça maglumatlaryna laýyklykda, dünýäde syýahatçylyk üçin dördünji uly bazar bolan Türkiýe Respublikasy syýahatçylyk pudagyndaky dokuz aýyň netijelerini yglan etdi.** 6

cmyk




# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI 12 ÝYL ÝAŞAN TÜRKMEN ARÇASYNY OTURTDY

Dabara gatnaşyjylaryň hatarynda Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýyjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri, halk köpçüligi bar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň awtoulagy ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçirilýän ýerine – paýtagtymyzyň günorta künjegine geldi. Dabara gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzy mähirli mübäreklediler. Ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň çykyşlary çärä aýratyn öwüşgin çaýdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow 12 ýyl ýaşan türkmen arçasyny oturdyp, güýzki ählihalk bag ekmek dabarasyna badalga berdi. Türkmen arçasynyň ýaşynyň 12-nji dekabrda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen güni bilen gabat gelmegi özboluşly mana eýedir. Döwlet Baştutanymyzyň tutuş ýurdumyz boýunça ýaýbaňlandyrylan bu asylly çärä gatnaşmagy onuň ähmiýetini has-da artdyrdy. Munuň özi paýhasly pederlerimiziň asyrlaryň dowamynda kemala getiren däp-dessurlarynyň häzirki zamanyň ruhuna laýyk derejede ösdürilýändigini alamatlandyrýar.

*Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda ählihalk bag ekmek dabarasynyň güýzki möwsümine badalga berildi.*

Dabara gatnaşyjylaryň ählisi hormatly Prezidentimiziň göreldesine eýerip, bag nahallaryny ekmäge girişdiler. Dürli görnüşli nahallaryň bu künjegiň toprak-howa şertleri nazara alnyp ekilmegi dag etegindäki girişliklerde tokaý zolaklaryny döretmäge mümkinçilik berer.

Tutuş ýurdumyz boýunça geçirilen ählihalk bag ekmek dabarasynyň dowamynda 449 müň 464 düýp bag nahaly ekildi. Şeýle hem seýilgähleri we tokaý zolaklaryny arassalamak, abadanlaşdyrmak işleri bilen birlikde, jemi 1 million 997 müň 775 düýp baga ideg etmek işleri geçirildi. Şeýlelikde, bu gezekki köpçülikleýin bag ekmek dabarasy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ekologik abadançylygy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak boýunça ählumumy tagallalara goşýan mynasyp goşandynyň aýdyň beýany boldy.



## Türkmenistan Merkezi Aziýada täze ugurlar boýunça iş toparyny döretmegi teklip etdi

Türkmenistan sebitde Aziýanyň, Ýewropanyň we Ýakyn Gündogaryň ulag ulgamyny birleşdirjek döwrebap infrastruktura döretmek üçin ulag mümkinçilikleriniň birleşdirilmegini goldaýar. Bu barada Türkmenistanyň demir ýol ulag ministri Mämmet Akmämmedow «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara baglylyk we ösüş – 2025» atly maslahatda eden çykyşynda belledi.

Ministriň bellemegine görä, ulag ulgamlaryny birleşdirmekde baş rol logistika kompaniýalaryna we birleşiklerine berler.

«Sebitara ulag gatnawlarynyň peýdalanylman galan mümkinçilikleriniň bardygyny belläp, Türkmenistan Merkezi Aziýany döwrebap, utgaşdyrylan we ýokary netijeli ulag birleşigine öwürmek boýunça maksatnamalaýyn işleri alyp barýar» diýip, Akmämmedow aýtdy.



Şu maksatlar bilen Türkmenistan hökümet derejesinde Merkezi Aziýa – Hazar-Gara deňiz sebiti arkaly Günorta Ýewropa çenli hem-de Merkezi Aziýa – Ýakyn Gündogar ugurlary boýunça täze ulag-kommunikasiýa geçelgelerini döretmek mümkinçiliklerini öwrenjek bäş ýurt tarapyndan iş toparyny döretmegi teklip etdi.

Ministriň bellemegine görä, Ýewraziýanyň merkezinde ýerleşýän Türkmenistanyň gündogar bilen günbatary, demirgazyk bilen günortany birleşdirýän ulag şahalaryny döretmek üçin geografik artykmaçlygy bar. Ýurt demirýol, awtoulag, howa gatnawlary we deňiz portlary ýaly ähli ulag pudaklaryna işjeň ýagdaýda maýa goýýar.

Türkmen tarapy Türkmenistanyň durnukly ösüş ýörelgesine ygrarlydygyny we ulag ulgamynda ekologik taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça iş alyp barýandygyny aýtdy.

Mysal hökmünde ministr Türkmenbaşy – Aşgabat – Mary – Türkmenabat demir ýol liniýasynyň döwrebaplaşdyrylmagy, şol çäkde ugaryň bir böleginiň elektrifikasiýa edilmegi boýunça alnyp barylýan taslamany görkezdi. Onuň aýtmagyna görä, bu çäre ekologik durnuklylygyň ýokarlandyrylmagyna hem-de ekologik taýdan arassa tehnologiýalara gönükdirilen beýleki geçelgeleriň ösdürilmegine täze mümkinçilikleriň açylmagyna ýardam eder.

## Garibabadi: Hazarýaka sebitleriň häkimleriniň sammiti sebitleýin hyzmatdaşlygy berkider

**Eýran Yslam Respublikasynyň daşary işler ministriniň hukuk we halkara meseleleri boýunça orunbasary, şeýle hem Eýranyň Hazar deňzi baradaky ýörite wekili Kazem Garibabadi Hazarýaka döwletleriniň kenarýaka welaýatlarynyň häkimleriniň ilkinji sammitiniň geçirilmegini sebitleýin gatnaşyklaryň berkemegine gönükdirilen möhüm ädim hökmünde häsiýetlendirdi.**



**Onuň aýtmagyna görä, Hazarýaka sebitleriň wekilleriniň gatnaşmagy Hazar deňzi basseýninde ykdysady, ulag we ekologiýa ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri döreder.**

**FORUMYŇ ÇÄGINDE ÜÇ MOWZUK BOÝUNÇA PANEL MEJLISLERI GEÇIRILER:**

- *«Ykdysadyýet, maýa goýumlar we sebitleýin ösüş»,*
- *«Üstaşyr, logistika we "Demirgazyk–Günorta" halkara ulag geçelgesini ösdürmek»,*
- *«Ekologiýa, balykçylyk we Hazar deňziniň ekosistemasyny dikeltmek».*

**Hazarýaka sebitleriň häkimleriniň ilkinji sammiti noýabryň 27–28-ne aralygynda Gilýan welaýatynyň Reşt şäherinde welaýat administrasiýasynyň howandarlygynda geçiriler.**

## Türkmenistan bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda ylalaşyga gol çekildi

Aziýanyň ösüş bankynyň prezidenti Masato Kanda Türkmenistanda saparda boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Aziýanyň ösüş bankynyň prezidenti Masato Kandany kabul etdi.

"Watan" habarlar gepleşiginde bellenilip geçilişi ýaly, duşuşykda Aziýanyň ösüş banky bilen Türkmenistanyň arasyndaky 25 ýyllyk hyzmatdaşlyk gatnaşyklary barada pikir alyşyldy. Hususan-da, Aziýanyň iri maliýe edarasynyň Türkmenistanda amala aşyran taslamalary, şol sanda energetika, saglygy goraýyş we beýleki pudaklardaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklary boýunça pikir alyşmalar boldy.



Şeýle hem Aziýanyň ösüş bankynyň prezidenti Masato Kanda saparynyň çäklerinde birnäçe duşuşyklar geçirdi. Masato Kanda Türkmenistanyň Merkezi bankynda duşuşyklar geçirdi.

**ŞONUŇ DOWAMYNDA IKITARAPLAÝYN RESMINAMALARYNA GOL ÇEKMEK DABARASY BOLDY.**

- *Aşgabat şäherinde lukmançylyk orta okuw mekdebiniň gurluşygyny maliýeleşdirmek üçin Türkmenistan bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda ylalaşyga*
- *Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda tehniki kömek babatda hyzmatdaşlyk barada resminama gol çekildi.*

Şeýle hem Aziýanyň ösüş bankynyň prezidenti Masato Kanda saparynyň çäklerinde Aşgabat şäherinde lukmançylyk orta okuw mekdebine baryp gördi.




# OGULJAHAN ATABAÝEWA BMG-NIŇ TÜRKMENISTANDAKY HEMIŞELIK UTGAŞDYRYJYSY BILEN DUŞUŞDY

Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň merkezinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko bilen duşuşygy boldy.

"Watan" habarlar gepleşiginde bellenilip geçilişi ýaly, duşuşykda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda dekabr aýynda geçirilmegi meýilleşdirilýän «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: durnukly ösüşiň bähbidine halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahata taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bu maslahatyň "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçirilmegi Birleşen Milletler Guramasy üçin möhüm ähmiýete eýedir.

Bilşimiz ýaly, awgust aýynda bu ýerde Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýadaky iň iri forumy – BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty ýokary üstünlige beslenip geçirildi.

Duşuşykda Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda ugurlaryň giň toplumy barada pikir alşyldy. Hususan-da, Birleşen Milletler Guramasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň meselelerine garaldy.

Dekabr aýynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek zenanlaryň we çagalaryň hukuklary boýunça halkara maslahaty hem bu ugurda möhüm çäre bolar.

Birleşen Milletler Guramasy uzak ýyllaryň dowamynda Türkmenistan bilen ýakyn hyzmatdaşlyk alyp barýar. Şunda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk edilýär. Bilelikde birnäçe taslamalar durmuşa geçirildi we hyzmatdaşlygy mundan beýlek-de giňeltmek üçin uly mümkinçilikler bar.

## Merkezi Aziýa ýurtlarynyň oba hojalyk ministrleriniň 1-nji duşuşygy Daşkentde geçirildi



**Merkezi Aziýa ýurtlarynyň oba hojalyk ministrleriniň 1-nji duşuşygynda sebitleýin hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, durnukly oba hojalygyny ösdürmek we azyk howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.**

**Duşuşyga sebitiň ýurtlarynyň degişli edaralarynyň ýolbaşçylary, diplomatik wekiller we halkara guramalarynyň wekilleri gatnaşdy.**

**Gatnaşyjylar döwlet Baştutanlarynyň bilelikdäki tagallalary netijesinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň täze derejä çykandygyny belläp, oba hojalyk pudagynda hyzmatdaşlygy berkitmegiň möhümdigini nygtady. Duşuşykda ulag, energetika we innowasiýa infrastrukturasyny ösdürmek, serhetara logistika merkezlerini döretmek meseleleri hem ara alnyp maslahatlaşyldy.**

**Duşuşygyň esasy netijesi Merkezi Aziýanyň azyk howpsuzlygy boýunça 2030-njy ýyla çenli hereket etjek meýilnama we bilelikdäki Jarnamanyň gol çekilmegi boldy. Ol oba hojalyk syýasatyndaky hereketleriň utgaşdyrylmagyny we sebitleýin integrasiýany ösdürmegi maksat edinýär.**

**Şeýle hemDurnukly ekerançylyk boýunça sebitleýin merkezi döretmek başlangyjy ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu merkez sebitiň ýurtlarynyň tejribe alyşmagy we dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini ornaşdyrmagy üçin meýdança bolar. Duşuşygyň netijeleri boýunça taraplar hyzmatdaşlygy giňeltmäge we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge taýýardyklaryny tassyk etdiler.**



## Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenan ýolbaşçylarynyň dialogynyň mejlisine gatnaşdy

Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenan ýolbaşçylarynyň dialogynyň mejlisine gatnaşdylar.

Bu halkara çäräniň maksady sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek, jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady durmuşa zenanlaryň gatnaşygyny giňeltmek, şeýle hem gender deňligini pugtalandyrmakdan ybarat boldy.



Mejlise Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Parlamentleriniň, halkara guramalarynyň hem-de raýat jemgyýetiniň institutlarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Mejlise gatnaşyjylar sebitiň ýurtlarynda zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek, olaryň döwlet hem-de jemgyýetçilik durmuşyndaky ornuny berkitmek babatynda alnyp barylýan netijeli işleriň ähmiýetini bellediler.

Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri ýurdumyzda zenanlaryň hukuklaryny üpjün etmek boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň yzygiderli kämilleşdirilýändigi, zenanlaryň döwlet dolandyryşyndaky we ykdysadyýetiň dürli pudaklaryndaky gatnaşygyny giňeltmek, Türkmenistanda gender deňligini boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli Hereketleriň meýilnamasy, telekeçiligiň işinde zenanlaryň ornuny ýokarlandyrmak, şeýle hem zenanlaryň zähmet we durmuş goragyny, bilim hem-de saglygy goraýyş ulgamlaryndaky mümkinçiliklerini artdyrmak bilen bagly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygyň ähmiýetini nygtadylar.

Mejlisiň ahyrynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda bu ugurda gazanylan netijeler we toplanan tejribeler boýunça özara pikir alşyldy, şeýle hem maslahatyň jemleri boýunça jemleýji resminama kabul edildi.

## Türkmenistan Merkezi Aziýanyň söwda ministrleriniň birinji duşuşygyna gatnaşdy

Daşkent şäherinde Özbegistan Respublikasynyň Maýa goýumlar, senagat we söwda ministrligi tarapyndan merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjanyň söwda we maýa goýum ministrleriniň geňeşiniň ilkinji mejlisi gurnaldy.

Çäräniň esasy maksady sebitiň ýurtlarynyň arasynda söwda, maýa goýumlar we senagat hyzmatdaşlygy ugurlary boýunça öňden bar bolan hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, özara haryt dolanyşygyny artdyrmak hem-de kooperasion önümçilikleri döretmek boýunça bilelikdäki başlangyçlary durmuşa geçirmek boldy. Bu mejlis sebitleýin ykdysady dialogy institusional taýdan berkitmekde we täsirli özara gatnaşyk mehanizmlerini döretmekde möhüm ädim boldy.

Mejlise Özbegistan Respublikasynyň maýa goýumlar, senagat we söwda ministri Laziz Kudratow; Gazagystan Respublikasynyň söwda we integrasiýa ministri Arman Şakaliýew; Täjigistan Respublikasynyň ykdysady ösüş we söwda ministri Zawki Zawkizoda; Türkmenistanyň söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministri Nazar Agahanow; Azerbaýjan Respublikasynyň ykdysadyýet ministriniň birinji orunbasary Elnur Aliýew; Gyrgyz Respublikasyndan Özbegistan Respublikasynda Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi Duýşonkul Çotonow gatnaşdy.

Mejlisiň dowamynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň söwda we maýa goýum ministrleri özara söwdany we senagat integrasiýasyny ösdürmäge gönükdirilen çäreleriň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar. Sebit ýurtlarynyň arasynda haryt dolanyşygyny 20 milliard dollara çenli ýokarlandyrmak üçin işjeň gurallar döretmek, «Made in Central Asia» diýen brend bilen bilelikdäki önümçilik meýdançalaryny döretmek, şeýle-de halkara maliýe institutlaryny we iri maýa goýujylary bilelikdäki infrastruktura we senagat taslamalaryna çekmek meselelerine aýratyn üns berildi.

Özbegistan bilen Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň



arasyndaky özara söwda durnukly oňyn ösüşi görkezýär. 2017-nji ýylda haryt dolanyşygynyň möçberi 3,2 milliard dollar bolan bolsa, 2024-nji ýylda bu görkeziji iki esse artdy we 6,9 milliard dollara ýetdi. Hususan-da, Gazagystan bilen söwda dolanyşygy 4 milliard dollara, Gyrgyzystan bilen 700 million dollara ýetdi, Täjigistan bilen 570 million dollardan hem geçdi, Türkmenistanyň bolsa soňky bäş ýylyň dowamynda söwda dolanyşygy iki esseden hem köp artdy – 1,15 milliard dollara ýetdi. Azerbaýjan bilen söwda hem ýyl başyndan bäri 13% ösüş görkezýär.

## Daşkentde Merkezi Aziýanyň we Azerbaýjanyň kino günleri geçirilýär

**Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň 7-nji konsultatiw duşuşygynyň öňüsyrasynda köp sanly syýasy, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer ugurly çäreler geçirilýär.**

**Daşkent şäherinde Merkezi Aziýanyň hem-de Azerbaýjan Respublikasynyň söwda, we ulag ministrleriniň, şeýle hem medeniýet ministrleriniň duşuşygy geçirildi. Sebit ýurtlarynyň işewürler forumy guraldy.**

**Şol bir wagtda Özbegistanyň kinematografiýasynyň milli köşgünde Merkezi Aziýanyň we Azerbaýjanyň kino günlerine badalga berildi. Bu medeni çäre sebit ýurtlarynyň kinematograflarynyň gatnaşmagynda tegelek stol duşuşygy bilen başlady. Oňa Özbegistan Respublikasynyň Medeniýet ministrliginiň Kinematografiýa boýunça agentliginiň direktory Şuhrat Rizaýew, Azerbaýjan Respublikasynyň Kinematografiýa boýunça agentliginiň baş direktory Adilet Omarow, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň döredijilik meseleleri boýunça başlygynyň orunbasary Sahysalyh Baýramow we beýlekiler gatnaşýar.**



**Merkezi Aziýanyň we Azerbaýjanyň kino günleriniň çäklerinde sebit ýurtlarynyň we Azerbaýjanyň gysga we uzyn göwrümli çeper filmleri görkeziler. Kino günleriniň çäklerinde Türkmenistan bilen Özbegistanyň bilelikde surata düşüren Magtymguly Pyragy bagyşlanan çeper film hem görkezildi.**

**Şeýle hem bu medeni çäräniň çäklerinde geçirilýän Türkmenistanyň kino günleriniň dowamynda özbek hem-de bu ýurtdaky daşary ýurtly myhmanlara "Gyzyl kürte" we "Kitap" çeper filmleri hem hödürlener.**

atawatanhabar@gmail.com

MAKUL HABAR

# Hytaýyň öňdebaryjy maşyn gurluşyk korporasiýalarynyň wekiliýeti Türkmenistanda duşuşyklar geçirdi

Hytaý Inženerçilik Korporasiýasynyň (CAMCE) we "China Machinery Engineering Corporation" korporasiýasynyň (CMEC) dolandyryş geňeşiniň başlygy Wan Bo iş sapary bilen Türkmenistanda boldy. Saparyň çäklerinde infrastruktura, energetika we senagat ugurlarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilen ýokary derejeli iş duşuşyklary geçirildi. Bu barada "CAMCE" kompaniýasynyň metbugat gullugy habar berýär.

Hytaý Inženerçilik Korporasiýasy CAMCE we CMEC döwlet korporasiýasy SINOMACH-yň düzümine girýär. Bu kompaniýa Hytaýyň iň iri kärhanalarynyň biridir we merkezi hökümete gönüden-göni tabyn bolýar. SINOMACH-da 130 müňden gowrak işgär bar we 40-dan gowrak şahamçasy hereket edýär. Köp ýyllaryň dowamynda kompaniýa Hytaýyň 100 iň iri maşyn gurluşyk kärhanasynyň arasynda öňdäki orunlary eýeleýär.

### WISE-PREMÝER MÄMMETHAN ÇAKYÝEW BILEN DUŞUŞYK (ULAG-ARAGATNAŞYK ULGAMY)

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ulag-aragatnaşyk ulgamyna gözegçilik edýän orunbasary Mämmethan Çakyýew bilen geçirilen duşuşykda Wan Bo SINOMACH-yň taryhy we gurluşy, esasy iş ugurlary hem-de Merkezi Aziýada durmuşa geçirilen üstünlikli taslamalar barada gürrüň berdi.

Hytaý tarapy infrastruktura we senagat gurluşygy, şeýle hem maýa goýum we potratçylyk taslamalarynyň ähli tapgyrlarynda "taýýar görnüşde" hyzmatlary bermek babatda giň hyzmatdaşlyga taýýardygyny bildirdi. Duşuşykda "Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden galkynyşy" strategiýasyna goşant goşmak we "Bir guşak – bir ýol" başlangyjyny ýokary hilli hyzmatdaşlyk arkaly durmuşa geçirmek meselesine aýratyn üns berildi.



Mämmethan Çakyýew Türkmenistanda ulag infrastrukturasynyň ösüşi, pudagyň elektrifikasiýasy we alnyp barylýan özgertmeler barada giňişleýin maglumat berdi. Ol CMEC kompaniýasynyň taslama taýýarlamak, gurmak we maliýeleşdirmek babatdaky hünär derejesini ýokary baha berdi we Hytaý hyzmatdaşlarynyň ulag pudagyndaky möhüm desgalaryň amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşmagyna umyt bildirdi.

### WISE-PREMÝER BAÝMYRAT ANNAMÄMMEDOW BILEN DUŞUŞYK

Energetika, gurluşyk we senagat ugurlaryna gözegçilik edýän Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Baýmyrat Annamämmedow bilen geçirilen gepleşiklerde Wan Bo SINOMACH-yň güýçli ylmy-barlag kuwwatyny, öňdebaryjy tehnologiýalaryny we iri senagat taslamalaryny amala aşyrmakdaky tejribesini aýratyn belledi.

Hytaý wekiliýeti infrastruktura, senagat gurluşygy we nebit-gaz himiýasy ugurlarynda uzak möhletli hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirdi.

Baýmyrat Annamämmedow öz gezeginde, Türkmenistanda senagatyň ösüş dinamikasy we ileri tutulýan maýa goýum mümkinçilikleri bilen tanyşdyrdy. Ol Hytaýyň öňdebaryjy tejribesiniň, tehnologik mümkinçilikleriniň we inženerçilik mümkinçilikleriniň bilelikdäki taslamalarda peýdalanylmagynyň möhüm ähmiýete eýedigini aýtdy. Bu işler ýurduň senagatlaşdyrmak we ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak strategiýasyna hyzmat eder diýip nygtady.

### HYTAÝYŇ TÜRKMENISTANDAKY ILÇISI BILEN DUŞUŞYK

Wan Bo, şeýle hem Hytaýyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Szi Şumin we söwda-ykdysady geňeşçi Li Yue bilen duşuşyk geçirdi. Kompaniýanyň wekilleri SINOSURE (Hytaý Eksport karzlaryny ätiýaçlandyryş Korporasiýasy) we CMEC inženerçilik toparynyň Türkmenistana saparynyň maksadynyň ýurduň ykdysady ösüşiniň häzirki ýagdaýyny, bazar mümkinçiliklerini öwrenmek we degişli ugurlarda bilelikdäki taslamalaryň öňe ilerlemegine ýardam bermekdigini aýtdylar.

Ilçi Şumin Hytaý bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ýagdaýy barada giňişleýin maglumat berdi. Diplomat ŞHG sammitiniň çäginde iki ýurduň ýolbaşçylarynyň sentýabr aýyndaky duşuşygynyň oňyn netijelerini, hususan-da, tebigy gaz we beýleki ugurlardaky üstünlikleri belledi. Ol Hytaý kompaniýalarynyň Türkmenistanyň ösüş maksatnamalary bilen hereketlerini utgaşdyryp, "Bir guşak – bir ýol" başlangyjynyň amala aşyrylmagyna goşant goşmagyna umyt bildirdi.

### GOŞMAÇA DUŞUŞYKLAR

Saparyň dowamynda Wan Bo we onuň kärdeşi Žen Žunpin ýolbaşçylygyndaky bilelikdäki iş topary Türkmenistanyň demir ýol ministri, "Türkmendehimýa" döwlet konserniniň başlygy, Daşary ykdysady iş boýunça Döwlet bankynyň başlygynyň orunbasary hem-de beýleki birnäçe duşuşyklar geçirdiler. Bu sapar Hytaý işewürleriniň türkmen bazaryna bolan artýan gyzyklanmasyny we iki ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynda strategik hyzmatdaşlygynyň derejesini tassyklaýar.

# Türkmenistanyň sanly Konsepsiýa-2028: emeli aň ykdysadyýeti, 5G, TransHazar kabel geçirijisi

Aşgabatda geçirilen «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2025» atly halkara maslahatynda Türkmenistanyň aragatnaşyk ministri Hajymyrat Hudaýgulyýew çykyş etdi. Ministr ýurduň täze strategik ugrunyň umumy mazmunyny beýan edip, «Türkmenistanyň sanly ykdysadyýetini ösdürmek boýunça 2026–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýanyň» durmuşa ornaşdyrylmagyna girişilendigini mälim etdi.

Hudaýgulyýewiň bellemegine görä, ilkinji gezek iki forumyň birleşdirilen formatda geçirilmegi Türkmenistanyň sanly, ulag we logistika tehnologiýalarynyň birleşdirilmegine ymtylýandygyny görkezýär. Bu bolsa ykdysady ösüşiň durnuklylygyny, «akylly şäherleriň» döredilmegini we önümçilik ulgamlarynyň netijeliligini üpjün edýän esasy ugry emele getirýär.

Ministr täze Konsepsiýa-2028-iň innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, «Elektron hökümet» ulgamynyň ösdürilmegine, sanly bilim we saglygy goraýyş ulgamynyň kämilleşdirilmegine, maglumat geçiriji ulgamlaryň giňeldilmegine hem-de emeli aň (AI) ulgamyna maýa goýumlarynyň çekilmegine gönükdirilendigini aýtdy.

### TÄZE MAKSATLAR

5G-niň ornaşdyrylmagy: Arkadag şäherinde 5G ulgamynyň işe girizilmegi ýurduň ähli künjeklerinde bu tehnologiýanyň giňeldilmegi üçin başlangyç tapgyr boldy. Arkadagda eýýäm 4G+ we 5G ulgamlary, şeýle hem «ýaşyl» hem-de täze innowasion çözgütleri üstünlikli ulanylýar.

Emeli aňyň ösdürilmegi: Türkmenistan emeli aňy ykdysady ösüşiň hereketlendirijisi hökmünde görýär. Bilim (uýgunlaşan ulgamlaryň ulanylmagy), saglygy goraýyş (döwrebap anyklaýyş), oba hojalygy (hasyllylygyň öňünden çaklanylmagy) boýunça emeli aň taslamalary synag görnüşinde amala aşyrylýar.

Emeli aň boýunça merkez: Ýakyn wagtda «Türkmentelekom» edarasynyň binýadynda emeli aňy ösdürmek boýunça degişli merkezi döretmek göz öňünde tutulýar. Onuň maksady – ylmy-gözleg mümkinçiliklerini güýçlendirmek hem-de ykdysadyýetiň möhüm ugurlarynda innowasiýalary ösdürmekdir.

### SEBITLEÝIN WE HALKARA ARAGATNAŞYK BARADAKY UGURLAR

Ministriň bellemegine görä, Türkmenistan Beýik Ýüpek ýolunyň ulag-aragatnaşyk merkezleriniň biri hökmünde möhüm ornuny saklaýar.

**Optiki süýümli magistral ulgamlar:** Häzirki wagtda Türkmenistan bilen goňşy ýurtlary birleşdirýän DWDM enjamlary arkaly işleýän 8 sany optiki süýümli aragatnaşyk ugrunyň bardygy aýtdy.

**Trans Hazar kabel geçirijisi:** Türkmenistan – Azerbaýjan ugury boýunça Hazar deňziniň düýbünden geçýän optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň gurluşygy dowam edýär. Şeýle hem «Serhetabat–Hyrat» aragatnaşyk ulgamy gurulýar. Bu ugur Merkezi we Günorta Aziýanyň arasyndaky sanly ulgamyň üstaşyr geçirilmegini ösdürmekde möhüm baglanyşdyryjy halka bolar.



**X-Road:** BMG-niň Ösüş Maksatnamasy bilen hyzmatdaşlykda "X-Road" platformasy arkaly döwlet edaralarynyň özara elektron hyzmatdaşlygynyň synag taslamasy üstünlikli amala aşdy. Edaralaryň ulgam boýunça doly integrasiýasynyň dowam edýändigi bellenildi.

**Kiberhowpsuzlyk:** Ministr sanlylaşdyrmagyň çaltlanýan döwründe kiberhowpsuzlygyň aýratyn ähmiýete eýedigini nygtady. Aragatnaşyk ministrliginiň düzüminde üstünlikli işleýän Döwlet kiberhowpsuzlyk gullugy milli maglumat giňişligini goramak boýunça möhüm işleri alyp barýar.

# Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi bilen Estoniýanyň Elektron dolandyryş akademiýasynyň arasynda ähtnama gol çekildi

BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen Türkmenistanda pudagara elektron maglumat alşygy ulgamynyň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek hakynda taslamanyň çäklerinde Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi bilen Estoniýanyň Elektron dolandyryş akademiýasynyň (E-Governance Academy) arasynda özara düşünişmek hakynda ähtnama gol çekildi.

Bu resminama döwlet dolandyryşynyň sanly özgertmeleri, şol sanda ýöriteleşdirilen bilim we maslahat hyzmatlaryny bermek ugurlarynda uzak möhletli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir.

Ähtnama gol çekmek dabarasy telekommunikasiýalar, telemetriýa, maglumat tehnologiýalary we teleradioýaýlymlar babatda geçirilen «Türkmentel-2025» atly halkara sergisiniň we ylmy maslahatynyň çäklerinde amala aşyryldy, bu bolsa bu wa-



kanyň sanly başlangyçlary öňe sürmek we ýurduň innowasiýa ulgamyndaky mümkinçiligini güýçlendirmek üçin strategiki ähmiýetini görkezýär.

BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekili hanym Narine Saakýan: «Biz ýurduň sanly dolandyryş ulgamyndaky mümkinçiliklerini güýçlendirmäge, bilim alyşmaga we döwlet dolandyryşynyň hem-de sanly özgertmeleriň ösüşine ýardam berýän innowasion çözgütleri ornaşdyrmaga kömek etjek bu strategiki hyzmatdaşlygyň döredilmegine ýardam berýändigimize örän şat» diýip belledi.

Ýokarda agzalan resminama gol çekilmegi BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistanda sanly özgertmeleri goldamak boýunça giň gerimli maksatnamasyny durmuşa geçirmekde ýene bir ädim boldy.

# "Sanly çözgüt–2025" atly innowasion taslamalar bäsleşiginiň ýeňijileri kesgitlenildi



Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň ýaşlaryň arasynda geçirilen "Sanly çözgüt–2025" atly innowasion taslamalar bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy. Gatnaşyjylar emeli intellekt, robot tehnikasy we awtomatizasiýa, akylly oba hojalygy tehnologiýalary, "Akylly şäher", bilim we elektron okuw, sanly lukmançylyk we hyzmatlar ulgamy ýaly ugurlar boýunça öz täze innowasion pikirlerini we taslamalaryny hödürlediler.

Eminler toparynyň garamagyna akylly robotlar, wirtual kömekçiler, ýüz tanamak ulgamlary, şeýle hem mobil goşundylar we ses buýruklary arkaly dolandyrylýan elektron enjamlar ýaly täze işläp düzmeler hödürlendi. Bäsleşigiň çäklerinde eminler topary 360-dan gowrak taslamany gözden geçirdi. 42 sany ýaş we zehinli IT-hünärmeniň işleri iň gowusy diýlip ykrar edildi.

### BIRINJI ORNA MYNASYP BOLANLAR:

- **Nurgeldi Öwezow** (Emeli intellekt)
- **Annageldi Hydyrow** (Sanly lukmançylyk)
- **Jeýhun Jumaşow** (Bilim we elektron okuw)
- **Aýnur Çakyýewa** (Akylly şäher)
- **Arslan Rejepow** (Akylly oba hojalygy tehnologiýalary)
- **Myratberdi Myratberdiýew** (Hyzmatlar ulgamy)
- **Suraý Guljanowa** (Robot tehnikasy we awtomatizasiýa)

Bäsleşikdäki eminler topary işleri olaryň özboluşlylygy, elýeterliligi, ýerine ýetirilişiniň hili, şeýle hem ýemgyýetçilik, ykdysady, önümçilik we dolandyryş meselelerini çözmekdäki ähmiýeti boýunça bahalandyrdy. Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan ähli birinji, ikinji we üçünji orunlaryň ýeňijilerine diplomlary we gymmat bahaly sowgatlary Türkmenistanyň aragatnaşyk ministri Hajymyrat Hudaýgulyýew gowşurdy.

# Tramp: Özbegistan ABŞ-a 35 milliardlyk maýa goýar

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Özbegistanyň üç ýylyň dowamynda amerikan ykdysadyýetine önüm satyn almak we maýa goýmak arkaly 35 milliard dollar goýjakdygyny aýtdy.

"Men ABŞ bilen Özbegistanyň arasynda ajaýyp söwda-ykdysady şertnama barada habar bermäge şatdyryn" diýip, amerikan lideri "Truth Social" jemgyýetçilik tory arkaly habar berdi.

"Öňümizdäki üç ýylyň dowamynda Özbegistan [önümleri] satyn alar we möhüm amerikan pudaklaryna – peýdaly känlere, awiasiýa, awtoulag şaýlarynyň önümçiligine, infrastruktura, oba hojalygyna, energetika, himiýa senagatyna, maglumat tehnologiýalaryna we beýlelere diýen ýaly 35 milliard dollar maýa goýjak, indiki on ýylyň dowamynda bolsa bu mukdar 100 milliard dollardan hem köp bolar." diýip, Tramp belledi.

Tramp Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewe minnetdarlyk bildirdi we ABŞ-nyň bu ýurt bilen "uzak möhletleýin we netijeli gatnaşyklary" dowam etdirmäge taýýardygyny aýtdy.

Amerikanyň Prezidenti Ak Tamda Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň Prezidentleri bilen duşuşdy.



# Tramp: Merkezi Aziýa döwletleri bilen hyzmatdaşlygymyzy has-da pugtalandyrarys

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa – ABŞ» («C5+1») döwlet Baştutanlarynyň Sammitine gatnaşdy we Ak Tamda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp bilen ikitaraplaýyn duşuşyk geçirdi.**



**Merkezi Aziýanyň bäş ýurdunyň Liderleriniň ABŞ-nyň Baştutany bilen duşuşygy boldy. Prezident Donald Tramp sebitiň strategik ähmiýetine ýokary baha berdi. Tramp: «Biz ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrýarys, howpsuzlyk ulgamynda hyzmatdaşlygy kämilleşdirýäris we umumy gatnaşyklarymyzy giňeldýäris» diýip beýan etdi.**

**Merkezi Aziýanyň ähmiýetini nygtap, ol sebitiň taryhy roluny belledi: «Bu döwletler bir wagtlar Gündogary Günbatar bilen birleşdiren gadymy Ýüpek Ýolunyň mekany bolupdy... Häzirki wagtda olaryň Ýewraziýanyň kalbyndaky ýerleşişi olara aýratyn ähmiýet we ägirt uly kuwwat berýär».**

**Tramp, ABŞ-nyň dünýä boýunça hyzmatdaşlar bilen üpjünçilik zynjyrlaryny giňeltmek arkaly ykdysady howpsuzlygy pugtalandyrmak niýetini tassyklap, gün tertibiniň esasy maddalarynyň birini örän möhüm peýdaly gazylyp alynýan baýlyklar bolup durýandygyny aýratyn nygtady.**

**«Men Amerikanyň bu ýurtlaryň her biri bilen hyzmatdaşlygyny ozalkysyndan has-da pugtalandyrmagy maksat edinýärin... Bu dünýäniň iň möhüm sebitleriniň biridir» -diýip, Tramp belledi.**

# Samarkandyň resmi ýaşynyň 3000 ýyldygy kesgitlenildi

Parižde geçirilen ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasy-nyň 43-nji mejlisiniň çäginde «Samarkant: 3000 ýyllyk miras» atly halkara maslahat geçirildi.

Çäräni Özbegistanyň Medeniýet we sungaty ösdürmek gaznasy, Özbegistan Respublikasy Ylymlar akademiýasy, Samarkandyň arheologiýa instituty hem-de Samarkandyň welaýatynyň häkimligi ÝUNESKO-nyň goldawy bilen gurnady.



Foruma öňdebaryjy alymlar, arheologlar we halkara guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Gatnaşyjylar täze arheologik tapyndylar, Zarafşan jülgesiniň şäher gurluşygyndaky ösüşler hem-de Samarkandyň dünýä siwilizasiýasynyň iň gadymy merkezleriniň biri hökmünde ähmiýeti barada pikir alyşdylar. Çykyş edenleriň arasynda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasy merkeziniň direktory Laza Elundu Assomo, professor Temur Şirinow we doktor Klod Rapen bardy.

Maslahat arheologiýa, medeni mirasy goramak hem-de taryhy şäherleriň döredijilik taýdan ösdürilmegi babatda ylmy alyş-çalyş we halkara hyzmatdaşlygyny berkitmek üçin möhüm meýdança boldy.

Maslahatyň netijesinde halkara ylmy barlaglara esaslanyp, Samarkandyň taryhynyň azyndan 3000 ýyllyk taryhy bardygy baradaky ylmy netije çykaryldy. Ozal şäheriň 2750 ýyllyk taryhy diýip kesgitlenen bolsa, indi Samarkandyň resmi ýaşynyň 3000 ýyldygy ykrar edildi.

# Özbegistanda Merkezi Aziýanyň iň uly stadiony gurulýar

Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirzijoýew Daşkentde guruljak iri sport desgasynyň – döwrebap futbol stadionynyň düýbüniň tutuluş dabarada gatnaşdy. Soňky bäş ýyl Özbegistanyň futbolynda öwrülişik döwri boldy. Milli çempionatlaryň ulgamy täzeden düzülip, çagalar we ýetginjekler üçin futbol akademiýalary döredildi. Sebitlerde 75 uly we 302 kiçi stadion hereket edýär.

Eger-de 2017-nji ýylda ýurtda FIFA we Aziýa Futbol Konfederasiýasynyň talaplaryna laýyk gelýän diňe 3 futbol meýdançasy bar bolsa, şu gün olaryň sany 10-dan geçýär.

Häzirki wagtda 20 özbek futbolçysy abraýly daşary ýurt klublarynda çykyş edýär. Olaryň jemi transfer bahasy 60 million dollardan geçýär. Aýratynam, Angliýanyň "Mançester Siti" toparynyň düzüminde çykyş edýän Abdukodir Husanow Aziýanyň iň gymmat futbolçusy hökmünde bellenildi.

2-nji oktýabrda FIFA geňeşi 2027-nji ýylda 20 ýaşa çenli ýetginjekleriň arasynda futbol boýunça dünýä çempionatyny Özbegistanda we Azerbaýjanda geçirmek barada karar kabul etdi.

Her ýurtda çempionatyň oýunlary üç stadionda geçiriler. Final we ýarym final oýunlary 50 müň tomaşaçydan gowrak orunly stadionda geçirilmelidir – bu FIFA-nyň talaplarynyň biridir. Stadion ähli FIFA düzgünlerine laýyklykda gurlar we Aziýanyň iň iri hem tehnologik futbol desgalarynyň biri bolar.



Bu desganyň işi diňe 2027-nji ýyldaky U-20 dünýä çempionaty üçin däl-de, eýsem, bütin özbek futbolynyň we ýaşlar sportynyň onýyllyklar boýy ösüşiniň itergi berijisi bolar.

# Merkezi Aziýanyň Baştutanlarynyň 7-nji konsultatiw duşuşygy Daşkentde geçiriler

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň baştutanlygynda Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň 7-nji Konsultatiw duşuşygy geçiriler.

Bu duşuşygyň öňüsyrasynda 14-16-njy noýabrda Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň Özbegistana döwlet sapary meýilleşdirildi.

16-njy noýabrda Daşkent şäherinde geçiriljek sebitiň döwlet Baştutanlarynyň ýedinji Konsultatiw duşuşygynyň öňüsyrasynda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň «Merkezi Aziýa täze eýýamyň bosagasynda» atly makalasy çap edildi.

Prezident makalasynda: «Sebitara özara gatnaşyk çuňlaşdyrmagy dowam etdirmek – bar bolan mehanizmleri berkitmek, olara durnuklylyk we amaly many bermek zerurdyr», – diýip belleýär.

Şeýle görüşde duşuşyklary gurmak başlangyjy 2017-nji ýylda öňe sürüldi. Şondan bäri sebitiň ýurtlarynyň Baştutanlary yzygiderli duşuşyklary guraýarlar.

2021-nji ýylda Hazaryň kenarynda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň baştutanlygynda Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň üçünji konsultatiw duşuşygy bolupdy.

Şeýle hem soňky ýyllarda bu duşuşyga Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti hem çagyrylýar. Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew 2023-nji ýylda Täjigistanda we 2024-nji ýylda Gazagystanda geçirilen Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň Konsultatiw duşuşygyna gatnaşypdy.



Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidentini bu gezekki duşuşyga çagyrdy.

# Çagalar we ulular üçin "Makul Sözlük" IOS ulgamynda hem elýeterli boldy

Makul sözlük platformasy diňe bir sözlük bolman, eýsem ol dil öwrenmek isleýänler üçin uly gollanma! Birnäçe ýyldan bäri Android applikasiýasy hereket edýän "Makul " indi Apple IOS ulgamy üçin hem elýeterli boldy!

- **App Store arkaly göçürip alyň**

Indi iPhone we iPad ulanyjylary "Makul Sözlük" applikasiýasyny mugt ýükläp alyp, iňlis we türkmen sözlerini sesli görnüşde öwrenip bilerler.

**"MAKUL SÖZLÜK" NÄME?**

Makul Hyzmat terjime merkezi tarapyndan esaslandyrylan "Makul Sözlük" – Türkmenistandan başlap, bütin dünýäniň ulanyjylary üçin niýetlenen köpugurly dil gollanmasydyr. Ol 15 müňden gowrak iňlis we türkmen sözlerini, olaryň seslendirilmesini, prefiks–suffiks düşündirişlerini, şeýle hem ýüzlerçe günlük gepleşik nusgalaryny özünde jemleýär. Programmada şeýle aýratynlyklar bar:




**OFFLINE GÖRNÜŞDE IŞLEMEK MÜMKINÇILIGI**

**Sözleriň sesli gözlegi**

"Makul Krossword", "Makul Puzzle", "Makul Sözlem" ýaly oýunly bölümler

700 sany gündelik sözleme degişli sesli mysallar

Her gün 5 täze söz bildirişi

Çagalar üçin ýörite "Suratly sözlük" we "Oýunly sözlük" bölümleri

Çagalar üçin "Makul Sözlük"

"Makul Sözlük" çagalaryň hem iňlis dilini gyzykly we aňsat öwrenmegine mümkinçilik berýär.

"Suratly sözlük" we "Oýunly sözlük" bölümleri arkaly 375 esasy söz suratlaryň üsti bilen hödürlenýär.

Çagalar haýwanlar, reňkler, iýmitler, esbaplar we beýleki gündelik temalar boýunça sözleri sesli görnüşde öwrenýärler.

Şeýlelikde, "Makul Sözlük" diňe bir dil gollanmasy däl – çagalaryň oýun bilen bilim alýan intellektual dostudyr!

**"AMAZON"DA NEŞIR EDILEN SÖZLÜK**

2025-nji ýylyň sentýabrynda "Makul iňlisçe–türkmençe sözlük" Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda neşir edilip, "Amazon" platformasynda satuwa çykaryldy.

Kitapda 16 500-den gowrak söz we ýöriteleşdirilen atlar (hukuk, işewürlik, AI, lukmançylyk, sport) ýerleşdirildi.

- Amazon – Makul English–Turkmen Dictionary

**DIL DIPLOMATIÝASYNYŇ TÄZE TAPGYRY**

"Makul Sözlük" diňe bir ylmy çeşme bolman, eýsem Türkmen diliniň halkara giňişlikde orny güýçlenmegine, ýaş nesilleriň bolsa dünýä dilleri bilen aragatnaşyk gurmagyna hyzmat edýär.

**BEÝLEKI PEÝDALY APPLIKASIÝALAR**

- Siz şeýle hem "Atavatan Türkmenistan" habarlary applikasiýasyny hem-de "Atavatan TV" wideo platformasyny ýükläp bilersiňiz:

**Atavatan Türkmenistan (IOS):** App Store
**Atavatan Türkmenistan (Android):** Google Play
**Makul Sözlük (Android):** Google Play
**Atavatan TV (Android):** Google Play
**Makul Sözlük(IOS):** App Store

# “Google” kompaniýasy Germaniýada 5.5 milliardlyk taslamalary durmuşa geçirer

Amerikaly tehnologiýa kompaniýasy “Google” öňümizdäki dört ýylyň dowamynda Germaniýadaky taslamalara 5,5 milliard ýewro maýa goýmagy meýilleşdirýär.

Bu barada kompaniýanyň Germaniýadaky bölüminiň ýolbaşçysy Filipp Justus “Der Spiegel” žurnalyna beren beýanatynda habar berdi. Maýa serişdeleri esasan Ditsenbah şäherinde



täze maglumatlar merkeziniň (data merkeziniň) gurluşygyna, şeýle hem şol sebitdäki Hanau şäherindäki bar bolan merkeziniň giňeldilmegine gönükdiriler.

Mundan başga-da, “Google” kompaniýasy Berlin, Mýunhen we Frankfurt şäherlerinde-de öz işini giňelder. Kompaniýanyň maglumatyna görä, bu taslama Germaniýada amala aşyrylýan iň uly maýa goýum maksatnamasydyr. 2029-njy ýylyň ahyryna çenli ýurtda her ýyl takmynan 9 müň iş orny dörediler.

Germaniýanyň kansleri Fridrih Mers bu meýilnamany “X” sosial ulgamy arkaly goldap çykyş etdi. Onuň pikiriçe, bu waka Germaniýanyň dünýäniň iň özüne çekiji maýa goýum meýdançalarynyň biri bolup galýandygyny görkezýär.

# Ýaponiýada howasyz ulag tekerleriniň synaglary başlady

Ýaponiýanyň merkezinde ýerleşýän Toýama şäherinde “Bridgestone” korporasiýasy tarapyndan işlenip düzülen täze “AirFree” howasyz tekerleriň ilkinji ýol synaglary başlady, diýip “Kyodo” agentligi habar berýär. Innowasion tekeler bilen enjamlaşdyrylan elektrobus ilkinji gezek ýolagçylary bilen umumy ýolagçy ýoluna çykdy. Modeliň ady “Boule BaaS” diýlip atlandyryldy – bu dokuz adama niýetlenen



kompakt elektrobus bolup, sagatda 20 km/s çenli tizlige ýetýär. “AirFree” tekerleriniň esasy aýratynlygy olaryň howa bilen doldurylmagyna mätäç bolmazlygyndadyr. Olaryň elastikligi gaýtadan işlenip bilinýän termoplastik rezinden ýasalan berk gurluşy bilen üpjün edilýär. Bu çözgüt tekerleriň deşilmek töwekgelçiligini azaldýar we tehniki hyzmat çykdajylaryny peseldýär.

“Bridgestone” kompaniýasynyň inženerleriniň aýtmagyna görä, bu başlangyç howpsuzlygy ýokarlandyrýar we kompaniýanyň markalaşdyrylan stilini görkezýär. Taslama ekologiýa taýdan arassa şäher ulagyny ösdürmäge gönükdirilen “Green Slow Mobility” maksatnamasy çäginde amala aşyrylýar. “Bridgestone” kompaniýasy Toýama häkimiýeti bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmegi, tekerleriň işjeňlik häsiýetlerini we durnuklylygyny baha bermek isleýär.









# Türkiýäniň syýahatçylyk pudagy 2025-nji ýylyň üçünji çärýegini iň ýokary girdeji bilen jemleýär

**BMG-niň Bütindünýä Syýahatçylyk guramasynyň 2024-nji ýyl boýunça maglumatlaryna laýyklykda, dünýäde syýahatçylyk üçin dördünji uly bazar bolan Türkiýe Respublikasy syýahatçylyk pudagyndaky dokuz aýyň netijelerini yglan etdi. Stambul şäherinde geçirilen metbugat maslahatynda ýurduň medeniýet we syýahatçylyk ministri Mehmet Nuri Ersoý 2025-nji ýylyň üç çärýeginiň dowamynda Türkiýe Respublikasynyň 50 million halkara syýahatçyny kabul edendigini yglan etdi. Şol döwürde Türkiýäniň syýahatçylyk pudagynyň ösüşi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 1,6% göterim ýokarlandy. Mundan başga-da, ilkinji 9 aýda syýahatçylykdan alnan girdejiniň 50 milliard ABŞ dollaryna ýetendigi, ýagny geçen ýylyň görkezijisinden 5,7% göterim ýokarydygy habar berildi. Beýan edilen maglumatlara görä, 50 million jahankeşde ýurtda ortaça 10,3 gije galyp, bir günüň dowamynda adam başyna ortaça 103 ABŞ dollaryny harçladylar, bu bolsa öňki ýyl bilen deňeşdirilende 7% göterim ösüşi görkezýär.**

**Agzalan metbugat maslahatynda**





**ministr Ersoý şeýle diýdi: «2025-nji ýylyň ilkinji dokuz aýynda biziň sebitimiz uly kynçylyklara duçar boldy. Biz sebitdäki gapma-garşylyklaryň netijelerini we ähli umumy maýylganlyk sebäpli möwsümleýin üýtgeşmeleri synladyk. Muňa garamazdan, uzakmöhletleýin hereketler meýilnamamyz bilen biz geçen ýylky girdejiden 5,7% göterim ösüş gazanyp, 50 milliard ABŞ dollary möçberinde örän gowy netije hasaba aldyk. Şeýlelikde, üçünji çärýekde bize 50 milliarda deň bolan çägi ilkinji gezek geçmek başartdy. Çen bilen, ýylyň ahyryna çenli biz 64 milliard ABŞ dollara barabar bolan girdejini almakçy, we bu maksadymyza ýeteris».**

**Şeýlelik bilen, ýylyň başyndan bäri Ortaýer deňzi sebitiniň syýahatçylyk merkezinde jahankeşdeleriň sanynyň hem, syýahatçylykdan alynan girdejileriň hem ep-esli artandygy habar berildi. Ýylyň başyndan bäri Türkiýä girdeji getiren syýahatçylar esasan üç ýurtdan, ýagny Russiýa Federasiýasyndan (5,53 million), Germaniýadan (5,22 million) we Beýik Britaniýadan (3,54 million) geldiler.**

# «S7» awiakompaniýasy: Aşgabatdan Nowosibirskä uçar gatnawyny ýola goýmagy meýilleşdirýär

12 – 15-nji noýabr aralygynda Aşgabatda «Türkmentel – 2025» atly XVIII halkara sergi we ylmy maslahat, şeýle hem «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2025» atly halkara maslahat we sergi geçirilýär.




Çäräniň çäginde «S7» (Russiýa Federasiýasy) awiakompaniýanyň Merkezi Aziýa ýurtlary boýunça Baş wekili Ýewgeniý Çernyşew metbugat wekillerine ýolagçy gatnadýan kompaniýanyň meýilnamalary barada gürrüň berdi.

Awiakompaniýanyň wekili «S7» uçarlarynyň Merkezi Aziýanyň şäherlerine köpden bäri uçýandygyny nygtady we olaryň bu bazarda üstünlikli işleýändigini belledi. Çernyşew kompaniýanyň Moskwa – Aşgabat ilkinji uçuşynyň 2008-nji ýylda amala aşandygyny ýatlatdy we onuň ýakyn wagtda Türkmenistan bilen üstünlikli hyzmatdaşlygyna 20 ýyl dolýandygyny sözüniň üstüne goşdy.

«Häzirki wagtda biz Moskwa – Aşgabat we gaýdyş ugry boýunça hepdede ýedi uçuşy amala aşyrýarys. Indiki ýylyň ýazyndan başlap Aşgabatdan Nowosibirskä uçar gatnawyny ýola goýmagy meýilleşdirýäris. Häzirki wagtda bu meseläniň üstünde çynlakaý iş alnyp barylýar» diýip, Ýewgeniý pikirini beýan etdi.

# Ronaldo soňky dünýä çempionatyna gatnaşar

**Portugaliýanyň ýygyndysynyň we “Al-Nasr” klubynyň ýyldyz hüjümçisi Krıstıano Ronaldo 2026-njy ýyldaky dünýä çempionaty onuň üçin iň soňkysy bolar.**

**“Çynlakaý aýdýan, hawa,” – diýip, Ronaldo Saud forumynda wideoaragatnaşyk arkaly çykyş edip, 2026-njy ýylyň dünýä çempionaty onuň üçin soňkysy bolarmy diýen soraga jogap berdi.**

**“Şol wagt meniň ýaşym 41 bolar, men pikir edýärin, şol pursat gitmeli bolaryn,” – diýip, belledi.**

**Portugaliýanyň ýygyndysy häzirlikçe ABŞ-da, Kanadada we Meksikada geçiriljek 2026-njy ýylyň dünýä çempionatyna gatnaşmak hukugyna eýe bolmady.**

**Portugal ýygyndaky ýene-de bir duşuykda ýeňiş gazanan halatynda, dünýä çempionatyna gatnaşar.**

**Öň habar berlişine görä, Ronaldo 2025-nji ýylda iň köp girdeji gazanan futbolçy boldy. “Forbes” žurnalyň maglumatlaryna görä, portugaliýaly futbolçy üstümizdäki ýylda jemi 280 million dollar gazandy, şonuň 50 million dollary – meýdançanyň daşyndaky girdejileridir.**



# 2025-nji ýylyň Buker baýragyny wenger-britaniýaly ýazyjy Dewid Soloý gazandy

Wenger-britaniýaly ýazyjy Dewid Soloý “Jan-ten” atly romany üçin 2025-nji ýylyň Buker baýragynyň ýeňijisi boldy diýip, “The Guardian” neşiri habar berýär.




Eminler toparynyň başlygy Roddi Doýl, eminle toparynyň mundan ozal, şeýle esere duş gelmändigini aýtdy. “Bu eserde käbirpursatlar bar, olary okamak uly lezzet berýär,” – diýip ol belleýär.

Soloýyň altynjy çeper eseri Iştwan atly bir adamyň – Wengriýadaky ýaşlygyndan başlap Londondaky ýokary jemgyýete çenli bolan durmuşyny beýan edýär.

Soloý baýrak hökmünde 50 000 funt-sterling aldy. Baýrak dabarasy Londonda geçirildi. Ol 2016-njy ýylda hem bu baýrak üçin gysga sanawda bolupdy.

Buker baýragy her ýyl awtoryň raýatlygyna garamazdan iň gowy iňlis dilindäki kitaba berilýär. 2024-nji ýylda bu baýrak britaniýaly ýazyjy Samanta Harwä “Orbita” atly romany üçin berlipdi.